**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 26-njy oktýabryndaky №89-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

# №22-saglyk "Saglygy goraýyş edaralary barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

## GOLLANMA

№22-saglyk "Saglygy goraýyş edaralary barada hasabat" hasabaty Saglygy goraýyş işini amala aşyrmak we saglyk kömegi hyzmatlaryny ýerine ýetirmek üçin ygtyýarnamasy bar bolan (hususy eýeçikdäki kärhanalar, jemgyýetçilik birleşikleriň (edaralarynyň) eýeçiligindäki, kooperatiw birleşikleriň eýeçiligindäki, gatyşyk (birleşdirilen) eýeçilikdäki, beýleki döwletleriň, olaryň kanuny hukukly we şahsy taraplaryň eýeçiligindäki we Türkmenistan bilen bilelikdäki we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçilindäki kärhanalar (lukmançylyk, dermançylyk, dezinfeksion, dezinseksion, deratizasion, lukmançylyk-tehniki) eýeçiligindäki döwlete dahylly däl ýuridiki şahslar ýerleşýän ýerindäki statistiki edarasyna, şeýle hem Aşgabat ş. häkimliginiň garamagyndaky lukmançylyk guramalary boýunça hasabaty Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi, Türkmenistanyň döwlet serhet gullugy, "Türkmenhowaýollary" agentligi Türkmenistan, Aşgabat ş., Arkadag ş. we welaýatlar,. boýunça jemleýji hasabaty Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine salgy böleginde görkezilen möhletinde tabşyrýarlar.

### 1 BÖLÜM.
### SAGLYGY GORAÝYŞ EDARALARY BARADA MAGLUMAT

Saglygy goraýyş işini amala aşyrmak we saglyk kömegi hyzmatlaryny ýerine ýetirmek üçin ygtyýarnamasy bar bolan **eýeçiligi döwlete dahylly däl ýuridiki şahslar diňe lukmançylyk işgärleri baradaky maglumatlary dolduryarlar (11-14-nji setirleri).**

01-02-nji setirleri ýatymlaýyn bejeriş orunlary bar bolan hassahanalar (şol sanda ýöriteleşdirilen) lukmançylyk guramalary hasabaty dolduryarlar. 1-nji setirde hassahalaryň sany 02-nji setirde bolsa olardaky orunlar görkezilýär. Orunlar barada edaranyň ýatymlaýyn bejeriş orunlarynyň hakyky sany, şeýle-de abatlaýyş işleri boýunça ýapylan koýkalar barada maglumatlar görkezilýär.

03-10-njy setirler boýunça saglygy goraýyşa degişli edaralaryň: Saglyk öýleriniň, saglyk bölümleriniň, aýallara maslahat beriş bölümleriniň, kesel bejerýän sagaldyş bölumleriniň, Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň, feldşerlik sagaldyş bölumleriniň sany baradaky maglumatlar görkezilýär.

08-nji setirde saglyk öýleriniň kuwwatlygy çalşykda kabul edilýänleriň sanyny aňladýar. Bu setiri doldurmak üçin her bir saglyk öýi üçin ýokary saglygy goraýyş guramalar tarapyndan bellenen meýilleşdirilen kuwwaty esas bolup durýar.

11,13-nji setirler boýunça ähli saglygy goraýyş edaralary, guramalary, hem-de pudaklaýyn saglygy goraýyş edara tarapyndan bellenen tertipde tassyklanan wezipe sanawyna we barlag sanawyna laýyklykda hasabat ýylynyň 31-nji dekabry ýagdaýyna düzülýär. 12-nji setirde ähli hünärdäki lukmanlardan we 14-nji setirde orta bilimli saglygy goraýyş işgärleriň sanyndan aýallaryň sany görkezilýär.

15-nji setirde şypahanalaryň sany, 16-njy setirde olardaky orunyň sany (ýylboýy hemişelik orun diýlip, ýyl boýunça saklanan orunlar hasaplanylýar). 17-nji setirde bolsa hyzmat edilen näsaglaryň sany barada maglumatlar görkezilýär.

### 2 BÖLÜM. SAGLYGY GORAÝYŞ IŞGÄRLERI BARADA MAGLUMAT
### 2.1 BÖLÜMÇE LYKMANLARYNYŇ SANY

2-nji bölümi №22-saglyk döwlet statistik hasabatlylygyň formasy boýunça salgy böleginde görkezilen ähli respondentler tarapyndan doldurylýar.

1-nji bölüm boýunça görkezilen hasabat tabşyrmaly respondentlar tarapyndan aýratyn görkezijiler ( hususan–da, ähli hünärdäki lukmanlaryň we orta saglygy goraýyş işgärleriň sany) 2-nji bölüm boýunça birmeňzeş bolmaly.

1-nji bölümiň 11-nji setiri = 2-nji bölümiň 2.1 bölümçesiniň 1-nji sütüniň 1-nji setirine
1-nji bölümiň 12-nji setiri = 2-nji bölümiň 2.1 bölümçesiniň 2-nji sütüniň 1-nji setirine
1-nji bölümiň 13-nji setiri = 2-nji bölümiň 2.2 bölümçesiniň 1-nji sütüniň 1-nji setirine
1-nji bölümiň 14-nji setiri = 2-nji bölümiň 2.2 bölümçesiniň 2-nji sütüniň 1-nji setirine

2.1 bölümçäniň 1-nji sütüninde saglygy goraýyş işgärleriniň tassyklanan wezipe birlikleri, wezipe sanawy esasynda eýeleýän wezipelerine laýyklykda esasy işgärleriň hemmesi hasabat ýylynyň 31-nji dekabry ýagdaýyna düzülýär. Öz esasy işiniň daşyndan işleýänler kärhananyň (edaranyň) işgärleriň umumy sanyna girmeýär. Lukmanlaryň esasy işgärleriniň sany baradaky maglumatlar doldurylanda göz öňünde tutmaly zat, lukmany ol ýa-da beýleki hünäre bölünende onuň lukmançylyk (uniwersitetini) institutynda, kurslarda, kliniki ordinaturada alan hünäri däl-de wezipe sanawy boýunça işleýänleriň kesgitlenen wezipesi doldurylmaly. Her bir lukman esasy işgär hökmünde özüniň eýeleýän wezipesi boýunça diňe bir setirde görkezilýär, başga wezipeleri eýeleýändigine garamazdan. Eger-de, lukman bir hünär boýunça wezipe eýeleýän bolsa, ýöne şol ýa-da başga hünäriň bir bölegini goşmaça eýeleýän bolsa, onda ol esasy işgär hökmünde esasy eýeleýän wezipesi boýunça görkezilýär. 2-nji sütünde lukmanlaryň umumy sanyndan aýal-gyzlar aýratyn bölünip görkezilýär. 02-21-nji setirlerde lukmanlar hünärler boýunça görkezilýär. 3-nji sütünde diňe ýokary saglygy goraýyş bilimli lukmanlar lukmançylyk (institutyny) uniwersitetini gutaranlar girýär. Ýokary hünär bilimi bolan, emma saglygy goraýyş bilimi bolmadyk, ýöne lukmançylyk wezipesini eýeleýän işgärler bu sütüne girizilmeýär. 2.1-nji bölümçäniň sanawynda göz öňünde tutulmadyk lukmanlaryň hünärleri edarada bar bolsa, onda olar baradaky maglumatlaryň bölümşigini 21-nji setirde görkezilmeli we aşakda şu setire girýän hünärler sanalyp görkezilýär. 21-nji setiriň bölünşigini Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi edaralary we guramalary tarapyndan berilmeýär.

22-nji setirde lukmanlaryň umumy sanyndan pensiýa ýaşyndaky lukmanlaryň sany görkezilýär.

1,2,3,4-nji sütünleriň 1-nji setiri 02-21-nji setirleriň jemine deňdir.

### 2.2. BÖLÜMÇE ORTA SAGLYGY GORAÝYŞ IŞGÄRLERINIŇ SANY

01-06-njy setirlerde, sütüninde orta saglygy goraýyş işgärleriniň tassyklanan wezipesini eýeleýän işgärleriň ortaça sanaw sany hasabat ýylynyň 31-nji dekabry ýagdaýyna düzülýär. Öz esasy işiniň daşyndan işleýänler kärhananyň (edaranyň) işgärleriň umumy sanyna girmeýär.1-nji sütünde orta saglygy goraýyş işgärleriniň sany baradaky maglumatlar doldurylanda göz öňünde tutmaly zat, olaryň lukmançylyk mekdeplerinde, ýörite kurslarda alan hünarleri däl-de wezipe birligi boýunça işleýänler kesgitlenýär.

Eger-de, edarada orta saglygy goraýyş işgärleriň wezipesi bar bolsa, ýöne hünäri 2.2-nji bölümçäniň sanawynda göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda olar baradaky maglumatlar 06-njy setirde görkezilmelidir we şu setire girýän hünärleriň bölünşigi görkezilýär. 6-njy setiriň bölünşigini Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi edaralary we guramalary tarapyndan berilmeýär.

07-nji setirde orta saglygy goraýyş işgärleriň umumy sanyndan pensiýa ýaşyndaky işgärleriň sany görkezilýär.

1,2,3,4-nji sütünleriň 01-nji setiri 02-06-njy setirleriň jemine deňdir.

### 2.3. BÖLÜMÇE PROWIZORLARYŇ WE FARMASEWTLERIŇ SANY

Bölümçe 2.1 we 2.2 bölümçelere meňzeş görnüşde prowizorlaryň we farmasewtleryň wezipe birlikleri boýunça doldurylýar.

**Durmuş statistikasy müdirligi**